# Özüni dok görkezjek bolup agzyna ýag çalýan adam hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Özüni dok görkezjek bolup agzyna ýag çalýan adam hakynda hekaýat Özüni dok görkezjek bolup, agzyna ýag çalýan adam hakynda hekaýat

Gaty nanyň zary bir garyp bende
Agzyny ýag çalan bolýarmyş günde.

Goňşy-golamlardan göräýse birin,
Diýýärmiş: «Ýagdanam it ýaly irdim».

Soň agzynyň ýagyn süpüren bormuş,
Özem hondanbärsi gep uran bormuş.

Sypaşdyryp hepbik ýaly garnyny.
paňlan bolup geçirermiş her güni.

Gyjalat berermiş oňa aç garny:
«How, eýäm, mundanam mydar bolarmy?

Dilegçilik etseň, pezzerip ýörmän,
Beren tapylardy döwüm-dişlem nan.

Rehimdar kişiler ýagdaýňy biler,
Belki, käsi palawa-da çagyrar.

Bagtyňy ýatyrýan öz ýalan gepiň,
Bu bolşuňa basym açylar sepiň…»

Hakyky bolşuňy illerden gizläp,
Boş gabaran bolup ýa ýalan sözläp,

Ýagly görünse-de agzyňdyr murtuň,

Bil sen, uzak gitmän, açylar syrtyñ.

Tokga gyzyl tapaýsañ-da eger sen,
Olam ömürlik däl, bäş gün doýar sen.

Goýup ýörkä özün doklañ deñinde,
Şeýle waka ýüze çykdy öýünde:

Bardy ol garypda ýag ýokly meşik,
Ana, şony süýräp äkitdi pişik.

Onuñ körpe ogly görüp bu haly,
Uly goh turuzdy ot alan ýaly:

«Waý, ogry pişigi tutalyñ basym!
Indi kakam nädip agzyñ ýaglasyn?»

Gopbam kişi galdy uly alada,
Indi, agzyñ ýaglap bilseñ, ýagla-da.

Ahmyr edip, gelse-de ol aglara.
Meşigi ýok indi ili aldara.

Kem-kem boýun alyp täze ýagdaýny,
Öñküsi dek öwünmäge ýaýdandy.

Ilki gülüşse-de goñşy-golamlar,
Ol garyp biçäre rehim kylanlar.

Onuñ oñar-oñmaz ýagdaýyn görüp,
Kim öýne çagyryp, kimse nan berip.

Gözden salmadyrlar ol pukarany,
Garybyñam muña gönendi jany.

Undup mundan öñki ýalançylygny,
Bütinleýin üýtgetdi ol gylygny…

Aldaw-hile bolmasa señ sözüñde,
Bagtyýar adamsyñ ýeriñ ýüzünde. Goşgular